# Eýläýin

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Eýläýin EÝLÄÝIN

Eý gam köňlümden aýrylgyn,
Bir dem göwnüm şat eýläýin
Söýgülim bäri öwrülgin,
Ýüzüň zyýarat eýläýin.

Yşk kalbymda möwç urar,
Ýakyp kül edip sowurar,
Söwer ýar ýüzün öwürer,
Men niçik takat eýläýin.

Ýar aýrylyp galar boldy,
Ýürek gamdan dolar boldy,
Bagda gülüm solar boldy,
Bilbil deý perýat eýläýin.

Diýr Gylyjy ýar gelmezmi,
Gaýgy gussa aýrylmazmy,
Öten döwran öwrülmezmi,
Geçen günler ýat eýläýin. Goşgular